# Gatmaga geldim

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gatmaga geldim GATMAGA GELDIM



Dilber, seniň bilen könlüm bir edip,
Janymy janyňa gatmaga geldim.
Zülpleriň boýnuma hup zynjyr edip,
Başym bir araga çatmaga geldim.
Harp içinde kaddyň meňzär elibe,
Zynhar, ony görkezmegin rakyba,

Huda eden bolsa bize nesibe,
Şirin lebleriňden datmaga geldim.

Yüzüň ter açylan bakjaň gülzary,
Bilbil dek tartdyň nalaýy-zary,
Men seniň bagyňdan alma, enary,
Özüm tirip, alyp gitmäge geldim.

Dünýäde görmedim sen dek zalymy,
Rehmiň gelip hiç sormadyň halymy,
Men seniň ýoluňda mülki-malymy,
Barysyn bir pula satmaga geldim.

Ýüzüň ýagşy ter açylan güllerden,
Men saňa zyýat men özge gullardan,
Arzuw çekip, ýörüp uzak ýollardan,
Bir bellije sözüň tutmaga geldim.

Talyby diýr, bu gün geldim şanyňa,
Günde sorsam, sen goýmar sen ýanyňa,
Bir terahhym eýläp salsaň donuňa,
Alma, enaryňy tutmaga geldim.

Myrat TALYBY. Goşgular